# Sungat melikesi / hekaýa

Category: Kitapcy,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sungat melikesi / hekaýa SUNGAT MELIKESI




Mähestiniň şahandazlygy Soltan Sanjary biparh goýmady. Soltan Sanjar onuň ezberlik bilen çalýan şirin owazly sazlaryny, mylaýymdan ýakymly ses bilen aýdýan aýdymlaryny, zenan kalbyndan syzylyp çykýan nepis rubagylaryny ýygy-ýygydan diňläp durýardy. Mähestiniň bu sazlaryň daşyndan küşt oýnamagy-da diýseň ökdeligi üçin Soltan Sanjar döwlet işlerinden sypynan wagtlary onuň bilen küşt oýnardy.
Şeýlelikde, Mähesti indi Soltan Sanjaryň köşgünde özüni örän arkaýyn hem erkana alyp barýardy. Bu bolsa köşk emeldarlarynyň käsiniň kalbyndan bahylçylyk, basdaşlyk, käsiniňki-de Soltan Sanjardyr şahyr zenana betgümanlyk duýgularynyň döremegine sebäp boldy. Geň galaýmaly, şular ýaly gürrüňler tiz ýaýragyç bolýar. Özleri hakyndaky hyşy-wuşy gürrüňler bularyň ikisiniň-de gulagyna baryp ýetdi. Bu gürrüňler gyzy Soltan Sanjardan ürküzdi. Ol diňe bir öz-özünden däl, eýsem, Soltan Sanjardan hem gorkdy. Bir pursat Soltan Sanjaryň bu gürrüňleri neneňsi kabul etjekdigini göz öňüne getirip gördi. Ine, ol gazap atyna atlanýar. Ol Mähestini gözi bilen dalaýar. Gyzy köşkden daşlaşdyrmak barada perman berýär. Ýok, ýok, ol beýle etmez. Ol bolar-bolgusyz gep-gybatlardan has belentde. Türkmençilikde

dulda oturan ulugyzyň abraýy has ezizdir welin, ýöne Soltanyň abraýyna şek ýetirmek ulugyzyňkydan-da erbet urgudyr. Mähesti şu zatlary serine aýlap, indiden beýläk özüni Soltan Sanjardan daşrakda saklamaly diýen karara geldi.
Mähestisiz geçýän meýlisler Soltan Sanjary iňkise goýdy. Ilkinji gezek Mähesti meýlise gelmän galanda ony ýarawsyzdyr öýtdi. Soň-soň onuň araky gep-gürrüňlerden ürkenli- gine düşündi.
Mähestiniň-de haly teňdi. Gyz göwni Soltan Sanjaryň geçirýän meýlislerini näler küýseýärdi. Mähesti olarsyr özüni edil kapasa düşen guş ýaly duýýardy. Sebäbi, balyklaryň diriligi suw bilen bolsa, şahyrlaryňky halk bilendi. Şonuň üçin-de onuň bu günlerki ýazýan rubagylarynda sussupeslik, ýalňyzlyk höküm sürýärdi. Gör-ä, dil bilen diňe bir adam göwnüni däl, eýsem, älemiň kalbyny-da paralap boljak eken. Iň erbedi-de, Soltangaladaky käbir gyz-gelinler-de Mähestä müňkürlik gözi bilen seredip ugradylar. Tüýs: «Iki aýal arasynda dil ýortar, erkek ara düşse göriplik artar» diýleni. Özüni sözsüz, nähak paralaýan nazarlar gyzyň bagryndan ok bolup geçdi. Ilkinji gezek özüniň naçar bolup doglanyna ahmyr etdi. Ol sanlyja günüň içinde şeýle bir özgerdi welin, ony asyl tanar ýaly bolmady. Öňki göwnaçyk gyzdan nam-nyşan galmady. Bir gün Soltan Sanjar gyza tötänden gabat geläýmezmi?! Soltan gözlerine ynanmady. Ýalan gepiň gysajyna düşen gyz Soltan Sanjaryň deňinde sähelçe säginip, baş egip, geçip gidende, onuň kalbynda näbelli bir yza peýda bolan ýaly boldy. Belki, onuň gyza haýpy gelendir. Şu pursatda Soltan Sanjar gyza dalda bolmak isledi. Ýöne töweregindäki özlerine bolan müňkür garaýyşlardan elheder etdi. Pelegiň oýnuna seret. Ýedi yklyma hökmi ýöreýänem bolsa ol öz pikirinde, öz hereketinde erkin däl.
Soňky döwürdäki gozgalaňlar, adamlaryň arasyndaky güýjäp barýan agzalalyklar Soltan Sanjary yzygiderli guralýan meýlislerden birneme daşlaşdyrdy. Şeýle günleriň birinde ony otdan alyp, suwa salan wakalaryň biri bolup geçdi.
Adaty günleriň birinde Soltan ýene-de meýlis gurady. Soltanyň hut özi tarapyndan çakylyk gelmegi Mähestini meýlise barmaga mejbur etdi. Soltanyň meýlisine gijä galyp barmak ret edilýärdi. Eger kimde-kim eglenip geläýse, halanmazdy. Mähesti bu günki meýlise gijä galyp geldi. Soltan Sanjar gülümsiräp, gyza bir şah uzatdy. Soltanyň edähedinden habarly Mähestiniň

Soltanyň raýyny ýykmaga haky ýokdy. Şonuň üçin-de, gyz şerbetli badany göterdi. Şa ýene-de gülümsiräp, ikinji şahy-da uzatdy. Mähesti-de şanyň raýyny gaýtarmady. Emma şa üçünji şahy uzadanda Mähesti:

*Şahym, herki zadyň ýagşydyr çaky,*
*Meň alkyşym bolsun Şahymyn ýüki,*
*Üçünji ne derkar, men öküz däl-ä,*
*Bilýäň-ä, öküziň şahy-da iki –*

diýip, rubagy üsti bilen jogap berdi. Bu jogapdan soň Soltan Sanjar ony mejburlap bilmedi. Meýlis gyzyşdy, Enweri häli-şindi Soltan Sanjaryň ýanyna gelip, göwnündäkini döküýärdi. Soltanyň-da keýpi diýseň çagdy. Şonuň üçin Enwerini öz ugruna kowup, onuň häsini ýetirýärdi. Enweri Soltan Sanjaryň köşgünde uly hormatdan peýdalanýardy. Enweri Soltan Sanjaryň ýörişleriniň ruhlandyryjysydy. Şonuň üçin Soltan Sanjar nirä gitse, ony ýanyndan goýmazdy. Soltan birden:

– Adamlar, indi Mähestini diňläýsek nähili görýäňiz?! – diýip, oturanlara ýüzlenende, gyzyň ýüregi süýjülik bilen gobsunyp gitdi. Muny onuň Soltan Sanjara «ýalt» edip, hoşallyk äheňinde seredişinden hem aňmak bolýardy. Adamlar ýerli-ýerden ony goldadylar. Mähesti:

– Baş üstüne! – diýip, eda bilen täze ýazan rubagylaryndan birnäçesini aýdyp berdi. Gyzyň soňky aýdan rubagysy Soltan Sanjaryň has-da keýpini çaglandyrdy. Soltan şol bendi ýene bir gezek gaýtalamagyny gyzdan towakga etdi.

*Şa, Hakdan diläýin, ýaşa müň ýyllar,*
*Saýaňda bagtyýar örňesin iller,*
*Her ýyl müň aý bolsun, her aýda müň gün,*
*Her sagat müň güne bolsun barabar –*

diýip, gyz ikilenç gaýtalanda onuň begenjiniň çägi bolmady. Ol elini çarpyp, hazynaça gymmatbaha şaý-sepleri getirdip, gyzyň öňüne dökdi. Bu Mähestiniň döredijiligine goýlan hormatyň nyşanydy.

Annatuwak KAKAÝEWA. Taryhy proza